# Gysgaça orazañ fykhy.(2)

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

**7-Orazañ müstehablary we edepleri:**

1-Selärlikde (agz bekläñde) bir zatlar iýmek:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Selärlige turyñ! Çünki selärlikde bereket bardyr.”** diýdi. (Buhari, Muslim)

2-Sälärligi gijikdirmek:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ selärligi bilen erte namazynyñ arasynda, bir kişiniñ elli aýat okap ýetişjegi wagt bardy. (Buhari)

3-Agz açara gyssanmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem: **“Ynsanlar agz açara gyssandyklary müddetçe, haýryñ üstünde bolmaga dowama ederler.”** diýdi. (Buhari, Muslim)

4-Agz açary Rutab (ýaş hurma) bilen, eger tapmasa adaty hurma bilen, oda bolmasa suw bilen açmak:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem namaz kylmazdan öñ bir näçe sany rutab bilen agz açardy. Rutab ýok bolsa, hurma bilen açardy. Hurma tapmasa suw bilen agz açardy.”** (Ebu Dawud, Tirmizi)

5-Agz açarda şu dogany aýtmak: “Zehebez-zomäu web'telletil uruwku we sebetel ejru inşAllah.”

Terjimesi: **“Suwsyzlyk gitdi, damarlar öllendi we sogap gazanyldy inşAllah.”** (Ebu Dawud)

6-Erbet sözlerden, hereketlerden uzaklaşmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Erbet sözi, amaly we jähilligi taşlamaýan ynsanyñ, iýmegi we içmegi taşlamasyna, Allah mätäç däldir.”** (Buhari)

7-Özüne söwen ýa-da dawa etjek bolýan kişä **“Men Orazaly”** diýip, jogap bermek:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Eger biri söwse ýa-da dawa etjek bolsa, “Men orazly” diýsin.”** (Buhari, Muslim)

8-Jomart bolmak:

**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem haýyr-sahawat etmekde, ynsanlaryñ iñ jomardy-dy. Iñ jomart wagty bolsa, Ramazan aýynda Jebraýyl perişde bilen duşuşan wagtlarydy.”** (Buhari, Muslim)

Ramazan aýynda köp sadaka bermäge çalyşmalydyr.

9-Kuran okamak we Kuran sapagy almak:

“**Jebraýyl Ramazan aýynyñ her gijesi, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem bilen duşuşardy we öz aralarynda Kurany okap, gaýtalarlardy.”** (Buhari, Muslim)

10-Ramazan aýynyñ soñky on gününde, has köp ybadat etmäge gaýrat etmek:

“**Ramazan aýynyñ soñky on güni gelende, Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem uçguryny baglardy, gijeleri ybadat bilen geçirip we maşgalasynyda** (ybadat etmek üçin) **turzardy.”** (Buhari, Muslim)

**8-Orazany bozýan zatlar:**

1-Jima etmek (jynsy gatnaşyk):

Ramazan aýynda orazaly wagty jima eden kişi toba, istigfar edip, ol günüñ kazasyny almaly we kefaratyny bermelidir.

Kefarat:

-Gul azat etmeli,

-Eger ony başarmasa iki aý yzly-yzyna oraza tutmaly,

-Eger ony hem başarmasa oltmyş sany garyby doýurmaly.

Kefarat jezasy diñe orazany jima edip bozan kişi üçindir.

Eger oraza jimadan başga zat sebäpli bozulsa, diñe kaza almalydyr.

2-Bir kişiniñ öz islegi we herekiti bilen menisini (dölüni) getirmegi:

Oraza tutýan kişi öz islegi bilen bakmak, öpmek, degmek we söýüşmek ýaly hereketleriñ netijesinde menisi çyksa orazasy bozular.

Ihtilam (ukyda dölüñ gelmegi) bolsa ýa-da hiç hili hereket etmezden we sözlemezden (özi islemezden) menisi çyksa orazasy bozulmaz.

3-Bilkastlaýyn iýmek, içmek.

4-Iýmegiñ we içmegiñ ýerini tutan, iýmitlendiriji we ýokumly (witaminli) sanjymlar etmek.

5-Bilkastlaýyn gusmak.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Özi islemezden** (orazalyka) **gusan kişä kaza gerek däldir. Bilkastlaýyn orazlyka gusan kişi, kaza alsyn.”** (Ebu Dawud, Tirmizi)

6-Haýyz we Nifas ganynyñ gelmegi.

**9-Orazany bozmaýan zatlar:**

1-Orazalydygy ýatdan çykaryp iýip, içmek:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Kim orazalyka ýatdan çykaryp iýip we içse, orazasyny dowam etsin. Aslynda ony iýdiren we içiren Allahdyr.”** (Buhari, Muslim)

2-Junup bolup oýanmak:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem maşgalasy bilen gatnaşyga girenligi üçin junup bolup turardy, soñra gusul alyp orazasyny tutardy.”** (Buhari, Muslim)

Ýagny bir kişi gije junup bolup tursa we gusul almazdan oraza tutsa, onuñ orazasy sahyhdyr.

3-Maşgalañy öpmek we oýnaşmak:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem orazalyka aýalyny öperdi we oýnaşardy.”** (Buhari, Muslim)

4-Hijama (deriñ aşagyndaky gany) aldyrmak we damardan gan bermek:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem orazalyka hijama etdirendir.”** (Buhari) we **“Orazaly kişiniñ hijama etdirmegine rugsat berendir.”** (Nesai, Sunenul-Kubra)

5-Salkynlamak üçin ýuwunmak we ýüzmek:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem orazalyka suwsanlygy we yssy sebäpli, üstünden suw akydardy.”** (Ebu Dawud)

6-Miswak ýa-da diş arassalaýjy ullanmak.

7-Dürli is beriji atyrlary ullanmak we ysgamak.

8-Sürme ullanmak.

9-Göz, gulak we burun damjasy ullanmak:

Damja görnüşdäki dermanlaryñ tagamy damakda duýulsada, şerigatda, dil taýdan we adatlarda iýmek we içmege girmeýänligi üçin orazany bozmaz.

10-Iýmit ýerini tutmaýan, ýokumsyz (witaminsyz) sanjym, asma sanjym we fitil (sweç) ullanmak.

11-Dem gysmada (asma) we şoña meñzeş hassalyklarda ullanylýan sepilýän ýa-da diliñ aşagyna goýulýan, agyz çaýkalýan dermanlary ullanmak.

12-Köp muktarda bolsada, islegsiz gusmak.

13-Tötänden bogaza tozan, ýagyş, gar we şoña meñzeş zatlaryñ gaçmagy.

14-Tötänden suw, diş arassalaýyjy, agyz çaýkalýan derman we şoña meñzeş zatlary ýutmak.

15-Tüýkülik we gakylyk ýutmak.

16-(Tötänden) Diş arasynda galan, iýmit galyndylaryny ýutmak.

**10-Oraza tutmazlyga rugsat berilýän kişiler:**

1-Hassalar:

Oraza tutmaga güýji ýetmeýän ýa-da oraza tutmagy sebäpli kynçylyk çekjek hassalara, oraza tutmazlyga rugsat berilýär.

Hassalyk sebäpli orazany tutmadyk kişiler, hassalykdan gutuldukdan soñra tutmadygy günleri kaza etmelidir.

Hassalaryñ:

-Oraza tutmagy saglygyna zyýan we kynçylyk bermeýän bolsa, oraza tutmagy parzdyr.

-Oraza tutmagy saglygyna zyýan bermän diñe kynçylyk berýän bolsa, oraza tutmagy has haýyrlydyr.

-Oraza tutmagy saglygyna zyýan berýän bolsa, oraza tutmagy jaiz däldir.

2-Ýolagçylar:

Ýolagçylyga, sapara çykanlara ýolagçylygy gutarýança, oraza tutmazlyga rugsat berilendir.

Ýolagçylyk sebäpli oraza tutmaýanlar, ýolagçylyklary gutaranda tutmadygy günleri kaza etmelidir.

Ýolagçynyñ:

-Oraza tutmagy özüne kynçylyk berýän bolsa, tutmazlygy has haýyrlydyr.

-Oraza tutmagy özüne kynçylyk bermeýän bolsa, tutmagy has haýyrlydyr.

3-Garrylyk ýa-da keselden gutulmak umydy kesileni sebäpli, hemişe oraza tutup başarmýan kişiler:

Ýokardaky agzalan kişilere oraza tutmazlyga rugsat berilýär. Emma kefarat hököminde her gün bir garyby doýurmalydyrlar.

Näçe gün oraza tutmadyk bolsa, şonça garyba ýarym **sa** (öljeg) ýagny 1-kilä ýakyn iýmit bermelidir. Ýa-da näçe günlik kefarat berjek bolsa, şonja garyby çagyryp bir gezekde nahar bişirip bersede bolar.

4-Göwreli we emdirýän zenanlar:

Göwreli we çaga emdirýän zenanlara, eger oraza tutmaga güýçleri ýetmese ýa-da oraza tutmagy sebäpli özüne ýa-da çagasyna zyýan geljek bolsa, oraza tutmazlyga rugsat berilýär.

Göwreli we çaga emdirýän zenanlar, oraza tutmadygy her bir gün üçin bir garyby doýuryp kefarat ederler. Kaza almalary gerek däldir.

Ibn Abbas radiallahu anhuma şeýle diýendir:

“**Göwreli zenan özü üçin, çaga emdirýän zenan hem çagasy üçin (zyýan gelmeginden) gorksa, Ramazanda orazasyny tutman biler. Tutmadygy her bir gün üçin bir garyby doýurmalydyr. Kaza etmegi gerek däldir.”** (Taberi)

“**Ibn Omaryñ (radiallahu anhum) aýaly göwrelikä orazada näme etmeli diýip sorapdyr, ol hem: Orazany tutmasañda bolar. Her bir tutmadygyñ gün üçin bir garyby doýur, kaza etme.” diýendir.** (Darakutni)

Sahabalryñ içinde bu meselede olara garşy çykan ýokdur. (Ibn Kudame)

**11-Müstehab bolan orazalar:**

1-Şewwal aýynda alty gün oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Eger kim Ramazan aýynda oraza tutsa, soñra yzyndan gelýän Şewwal aýyndan alty gün oraza tutsa, bütin bir ýyl oraza tutan ýalydyr.”** (Müslim)

2-Muharrem aýynda oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Ramazan aýyndan soñra tutulan iñ faziletli (sogaply) oraza, Allahyñ aýy muharrem aýynda tutulan orazadyr.”** (Müslim)

3-Aşura güni oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Aşura güni tutulan orazanyñ, geçen ýyl üçin kefarat bolmagyny Allahdan umyt edýärin.”** (Müslim)

4-Şaban aýynda köpräk oraza tutmak:

Aýşe enemiz radiallahu anha şeýle diýendir: **“Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellemiñ Ramazan aýynda başga bir aýda, başyndan soñuna çenli oraza tutanyny görmedim. Şaban aýynda oraza tutuşy ýaly, başga aýda oraza tutanyny görmedim.”** (Buhari, Müslim)

5-Arafa güni oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Arafa güni tutulan oraza, geçen ýyl we geljek ýyl üçin kefarat bolar.”** (Müslim)

6-Hepdäniñ birinji we dördünji günleri oraza tutmak:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem birinji we dördünji günleri agyz beklemäge çalşardy.”** (Tirmizi, Nesai, Ibn Mäje)

7-Her aýda üç gün oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: “**Her aýda üç gün agyz bekle. Çünki her ýagşylyga on esse sogap beriler. We netijede bütin ýyly oraza tutan ýaly bolar.”** (Buhari, Müslim)

8-Dawud aleýhis salamyñ orazasy:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Allah Tagalanyñ iñ söýýän orazasy, Dawud aleýhis salamyñ orazasydyr. ....Ol bir gün oraza tutardy, bir gün tutmazdy.”** (Buhari, Müslim)

Bu hadys diñe nefil oraza degişlidir. Ramazan aýyndaky parz oraza degişli däldir.

**12-Gadagan edilen orazalar:**

1-Baýram günleri oraza tutmak:

“**Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem şu iki günde oraza tutmagy gadagan etdi. Ramazan baýramy güni we Gurban baýramy güni.”** (Buhari, Müslim)

2-Teşrik günleri (Gurban baýramynyñ 2.,3 we 4 günleri) oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Teşrik günleri, iýmek we içmek günleridir.”** ( Müslim)

3-Diñe juma güni oraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Sizden biri juma gününiñ öñünden oraza tutmadyk bolsa ýa-da soñundan bir gün tutmajak bolsa, diñe juma günini oraza tutmasyn.”** (Buhari, Müslim)

4-Dehr orazasyny tutmak (Bir ýyly doly orazaly geçirmek):

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Bütin bir ýyl oraza tutan kişi, oraza tutmadyk ýalydyr.”** (Buhari, Müslim)

5-Şek güni oraza tutmak:

Şaban aýynyñ 29-njy güni Ramazan aýy görünmese ýa-da howañ (bulutly, ümürli) bolmagy sebäpli aýy görmek mümkinçiligi bolmasa, bu gün Ramazanyñ birinji gününiñ başlanlygyna şüphe edilen gündir we oña şek güni diýilýär. We Şabanyñ 30 güne dolmasyna garaşylýar. Şek gününde oraza tutmak jaiz däldir.

“**Şek güni oraza tutan kişi, Ebul-Kasyma (Pygamberimize) sallallahu aleýhi we selleme ytagatsyzlyk edendir.**” (Ebu Dawud, Tirmizi)

6-Ramazan aýy başlamazdan bir ýa-da iki gün öñ ýany oaraza tutmak:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Sizden biri Ramazan aýynyñ bir ýa-da iki gün öñ ýany oraza tutmasyn. Diñe öñden tutyp gelýän orazasy şol günlere gabat gelse, agzyny bekläp biler.”** (Buhari, Müslim)

7-Aýal maşgala äriniñ rugsady bolmasa nefil oraza tutmagy:

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Äri ýanynda bolsa, Ondan rugsat soramadan** (nefil) **orazasyny tutmasyn.”** (Buhari, Müslim)

8-Wisal orazasyny tutmak:

Wisal orazasy diýmek, selärlik we agyz açar etmezden yzly-yzyna bir näçe gün oraza tutmakdyr.

Pygamberimiz sallallahu aleýhi we sellem aýtdy: **“Wisal orazasyny tutmañ. Sizden biri wisal orazasy tutjak bolsa, selärlige çenli wisal tutsyn.”** (Buhari)

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.